Internet sahypa üçin düzedip taýýarlan ; Timur Kor

# a) işlikler hakynda umumy maglumat

**219-nji gönükme.** Okaň we göçüriň. Has gara ýazylan soraglary we olara jogap bolýan sözleri aýdyp beriň.

Meret **näme etdi?** Meret ylgady.

Meret **näme edỳär?** Meret okaýar.

Meret **näme etjek?** Meret okajak.

Meret **näme eder?** Meret alar.

***Näme etdi?, näme edỳär?, näme etjek?, näme eder?*** diýen soraglara jogap bolỳan sözleriň gymyldy-hereketi aňladýandygyna üns beriň.

işlikler gymyldy - hereket aňladyp, *näme etdi?, näme edỳär?, näme et j ek?, näme eder?*diýen soraglara jogap bolýarlar.

Meselem: *Jeren gelýär. Men gitjek. Aşyr geldi. Sapar geler.*

**220-nji gönükme.** Göçürüň. işlikleriň aşagyny cyzyň, olaryň nähili soraglara jogap bolýandygyny aýdyp beriň.

1. Meret şähere gitdi. Ol şäherden ertir geler. Meret maňa dürli galanı getirer.

2. Biziň ỳanymyzdaky ýapdan suw akýar.

3. Ol irden turỳar. Elini-ýüzüni ýuwýar. Çörek iýỳär. Çay içỳär. Soňra okuwa gidỳär.

**221-nji gönükme.** Göçüriň. işlikleriň aşagyny cyzyň, olaryň öňünden ỳaỳyň içinde degişli soraglaryny ỳazyň.

## Geldi

Geldi mekdepde okaỳar. Kakasy oňa bir towşanjyk getirdi. Geldi oňa otjagaz, suwjagaz berỳär, käwagtlar süýt içirỳär. Towşanjyk gökje ot iýdi, suw içdi. Ol ỳatdy. Geldi towşanjyga gowy seredỳär.

N u s g a : Geldi mekdepde (näme edỳär?) okaýar.

***süýt***

işlikler öten, häzirki we geljek zamany aňladyp ulanylýarlar.

Turkmenk...com

Turkmenkultur.com